# Nobel baýragyny almadyk ägirtler

Category: Edebiýat täzelikleri,Kitapcy
написано kitapcy | 26 января, 2025
Nobel baýragyny almadyk ägirtler NOBEL BAÝRAGYNY ALMADYK ÄGIRTLER




Nobel baýragy häzirki döwürde edebiýat ugry boýunça gowşurylýan iň abraýly halkara baýragy hasap edilýär. Bu baýragyň eýeleriniň eserleri bada-bat dünýä edebiýatynyň altyn hazynasyna girýär. Olaryň kitaplary onlarça dillere terjime edilip, bütin dünýäde meşhurlyga eýe bolýar. Dünýäniň iri kitap sergileridir bazarlarynda Nobel baýragyny alan ýazyjylaryň eserleriniň hyrydary köp bolup, olar iň islegli kitaplara öwrülýär. Emma şeýle şöhratly derejä mynasypdyklaryna garamazdan, dürli sebäplere görä, Nobel baýragy nesip etmedik ýazyjylar hem az däl.
Dünýäniň dürli ýerlerinde geçirilen pikirsoraşmalar

netijesinde düzülýän sanawlarda atlarydyr eserleri iň meşhurlaryň hataryndan düşmän gelýän şeýle ýazyjylaryň, Nobel baýragyny almak miýesser etmedik hem bolsa, okyjylaryň ýüreginde ymykly orun alany belli.
Žurnalymyzyň şu sanynda „Nobel baýraksyz meşhurlaryň“ iň bellileriniň sanawyny okyjylara ýetirmegi makul bildik. Sanawda ýazyjylaryň atlary olaryň ýaşan ýyllaryna laýyklykda ýerleşdirildi.

1.Lew Tolstoý – «Uruş we parahatçylyk»
2.Emil Zolýa – «Rugon-Makkarlar»
3.Anton Çehow – «Powestler hem hekaýalar»
4.Genri Jeýms – «Ilçiler»
5.Henrik Ibsen – «Gurjakly jaý»
6.Awgust Strindberg – «Gyzyl otag»
7.Mark Twen – «Geklberri Finniň başdan geçirenleri»
8.Boleslaw Prus – «Faraon»
9.Jebran Halyl Jebran – «Pygamber»
10.Aleksandr Blok – «Şygyrlar»
11.O.Genri – «Nowellalar»
12.Raýner Mariýa Rilke – «Malte Laurids Briggeniň hatlary»
13.Edmon Rostan – «Sirano de Beržerak»
14.Sergeý Ýesenin – «Pugaçýow»
15.Jek London – «Martin Iden»
16.Marsel Prust – «Ýitirilen wagtyň gözleginde»
17.Ýaroslaw Gaşek – «Ezber esger Şweýkiň başdan geçirenleri»
18.Frans Kafka – «Öwrüliş»
19.Genrih Mann – «Wepadar»
20.Akutagawa Rünoske – «Samsygyň ömri»
21.Teodor Draýzer – «Amerikan pajygasy»
22.Italo Swewo – «Dzeno»
23.Dmitriý Merežkowskiý – «Leonardo Da Winçi»
24.Gerbert Wels – «Wagt saradyjy»
25.Muhammed Ykbal – «Maşrykdan habar»
26.Jeýms Joýs – «Uliss»
27.Dewid Gerbert Lourens – «Älemgoşar»
28.Wirjinia Wulf – «Deňiz yşygy»
29.Konstantinos Kawafis – «Şygyrlar»
30.Somerset Moem – «Adam arzuwlarynyň jebir-jepasy»

31.Karel Çapek – «Salamandralar bilen uruş»
32.Hans Fallada – «Indi näme, kiçijik adam?»
33.Nikos Kazandzakis – «Grek hyjuwlary»
34.Riçard Oldington – «Gahrymanyň ölümi»
35.Erih Mariýa Remark – «Günbatar front üýtgewsiz»
36.Jon Dos Passos – «42-nji parallel»
37.Frensis Skot Fitzjerald – «Beýik Getsbi»
38.Tomas Wulf – «Öýe dolanma ýok»
39.Mihail Bulgakow – «Ussat we Margarita»
40.Andreý Platonow – «Çewengur»
41.Antuan De Sent-Ekzýuperi – «Adamlaryň planetasy»
42.Stefan Sweýg – «Düýnki dünýä»
43.Lion Feýhtwanger – «Oppermanlaryň maşgalasy»
44.Federiko Garsia Lorka – «Aýdymlar»
45.Robert Muzil – «Häsiýetsiz adam»
46.Iwlin Wo – «Braýdsheda dolanyş»
47.Uisten Hýu Oden – «Häzirki pursat»
48.Jorj Oruel – «1984»
49.Bertold Breht – «Üç köpüklik opera»
50.Alfred Döblin – «Berlin, Aleksanderplatz»
51.Lao Şe – «Pişikler şäheri hakda ýazgylar»
52.Wladimir Nabokow – «Jezalandyrylmaga çakylyk»
53.Oldos Haksli – «Kontrapunkt»
54.Nejip Fazyl – «Çile»
55.Robert Penn Worren – «Şanyň ähli adamlary»
56.Horhe Luis Borhes – «Alef»
57.Dino Bussati – «Tartari çöli»
58.Hulio Kortasar – «Nusgawylyk oýny»
59.Simona De Bowuar – «Gözel suratlar»
60.Horhe Semprun – «Uzak ýol»
61.Kobo Abe – «Amanat ýüz»
62.Grem Grin – «Güýç we şöhrat»
63.Jon Lennon – «Göz öňüňize getiriň»
64.Italo Kalwino – «Eger syýahatçy bir gyş gijesi…»
65.Karlos Kastaneda – «Don Huanyň sapaklary»
66.Jon Apdaýk – «Towşan, gaç!»
67.Çinua Açebe – «Ähli zatlar ýumrulýar»

68.Çingiz Aýtmatow – «Jemile»
69.Ežen Ionesko – «Kerk»
70.Jerom D.Selinjer – «Gaýadaky çöpüň üstünde»
71.Reý Bredberi – «Farengeýt 451»
72.Riçard Bah – «Illýuziýalar»
73.Deniel Kiz – «Eljernon üçin gül»
74.Aýris Mardok – «Deňiz, deňiz»
75.Ingeborg Bahman – «Malina»
76.Maks Friş – «Ştiller»
77.Kurt Wonnegut – «Ýeňijiler üçin ertirlik»
78.Umberto Eko – «Bägüliň ady»
79.Ien Makýuen – «Şenbe»
80.Haruki Murakami – «1Q84».

# «Dünýä edebiýaty» žurnalyndan. Edebiýat täzelikleri